# Görgen gözlerim

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Görgen gözlerim GÖRGEN GÖZLERIM

Lutpy-Hakdan bihasap yhsany görgen gözlerim,
Ýüz otuz dört öýde bir myhmany görgen gözlerim,
Egninde dört muhtalyp jamany görgen gözlerim,
Hem öňünde dört tagam elwany görgen gözlerim,
Dosty iki, bihasap duşmany görgen gözlerim.

Fazly-Hak duçar olup,wahdat şerabyndan içip,
Silkinip dört ganat bile, ol mekanyndan uçup,
Üç müň iki ýüz, ýene hem elli perdeden geçip,
Taňrynyň permany birle bu iki gözni açyp,
Ahtaryban uşbu sergerdany görgen gözlerim.

Müňde segseniň içinde tapmyşam şirin-şeker,
Üç müň iki ýüz ýene kyrk bagy gezdim serbe-ser,
Bagbanyndan eşitdim bir ajaýyp hoş habar,
Biri ýedi, biri bäş derýa ger istär sen göwher,
Bahr ile handa (?), arşda käni görgen gözlerim.

Ýüzde on dört derwezeden çoh çapyp gezdim rowan,
Dört bazary gezip, bir göwheri aldym bigüman,
Üç bölek akrap gelip aldy daşymny nägehan,
Dört pudakly bir şejerge gaçyban çykdym rowan,
Şol daragt üstünde köp nygmany görgen gözlerim.

Eý Pyragy, ötdi ömrüň, kylmadyň ýagşy amal,
Ýol uzakdyr, ýük agyr, tiz ur gadam, kylma haýal,
Ýedi ýüz çyragy sen röwşen eýläp golga sal,
Elli dört perli guşuň uçgaý kemal ýetmeý mahal,
Ol guşuň çyn ýoldaşy imany görgen gözlerim. Goşgular